TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ MILLI BILIM INSTITUTY

# INFORMATIKA 7

Türkmenistanyň orta mekdepleriniň VII synplary üçin interaktiw-multimedia elektron gollanmasy

AŞGABAT 2014

# Ulanyjynyň operasion sistema bilen özara täsiriniň usullary

# Soraglar

- Kompýuteriň programma üpjünçiligi näme?
- Häzirki zaman kompýuterlerinde programma üpjünçiliginiň haýsy görnüşleri bar?
- Operasion sistema (OS) näme? Ol nähili wezipeleri ýerine ýetirýär?
- Operasion sistema bilen ulanyjynyň arasyndaky gepleşik kadasy başgaça nähili atlandyrylýar?
- Word tekst redaktory, Paint grafiki redaktory  Windows operasion sistemasynyň standart goşundysy hasaplanýarmy?

# Tema:Ulanyjynyň operasion sistema bilen özara täsiriniň usullary(interfeýs):penjireler,menýu. Meseleler paneli.

Ulanyjynyň kompýuter bilen özara täsiri buýruklaryň kömegi bilen ýerine ýetirilýär. Ulanyjynyň kompýuter bilen özara täsir usulyna ulanyjynyň interfeýsi ýa-da ýöne interfeýs diýilýär.

Interfeýs kompýuteriň programma we apparat serişdeleri bilen üpjün edilýär. Meselem, buýruklary klawiaturanyň kömegi bilen girizmek bolar, netijeleri bolsa ekrana ýa-da printere tekst we san görnüşinde çykarmak bolar.

# Ulanyjynyň operasion sistema bilen özara täsiriniň usullary(interfeýs)

**Esasy elementler:** ***Iş stoly, meseleler paneli, Пуск düwmesiniň menýusy,şeýle hem ulanyjynyň monitoryň ekranynda görýän penjireleri we nyşanjyklary.***

**Iş stoly** – ***kompýuter işe goýberilip, operasion sistema ýüklenenden soň, monitoryň ekranynda peýda bolýan şekildir. Iş stolunda meseleler paneli, Пуск düwmesi, Компьютер, Корзина nyşanjyklary we Windowsyň grafiki interfeýsiniň beýleki elementleri ýerleşendir.***

**Penjire** – ***Windowsyň esasy obýektleriniň biridir. Olar: papkalaryň penjireleri, goşundylaryň işçi penjireleri, gepleşik penjireleri, sorag-jogap ulgamynyň penjireleri.***

# Ulanyjynyň operasion sistema bilen özara täsiriniň usullary(interfeýs)

**Penjire esasan aşakdaky elementleri özünde saklaýar:**

- *sözbaşy setiri;*
- *menýu setiri;*
- *gurallar paneli;*
- *salgy setiri;*
- *iş meýdany;*
- *ýagdaýlar setiri;*
- *süýşürme zolaklary.*



# Ulanyjynyň operasion sistema bilen özara täsiriniň usullary(interfeýs)

-  – *düwmejigi işjeňleşdirmek bilen goşundynyň işini togtatmazdan, penjire düýrlenýär;*
-  – *düwmäniň kömegi bilen penjire ýapylar we goşundynyň işi tamamlanar;*
-  – *düwmä basylmagy bilen, ol adaty ýagdaýdan tutuş ekrany tutýan ýagdaýa geçer;*
-  – *düwmä basylanda bolsa, giňelen penjire öňki ölçeglerine çenli kiçeler.*

# Ulanyjynyň operasion sistema bilen özara täsiriniň usullary (interfeýs)

- ***Упорядочить*** **usuly şekilleri gözden geçirmek üçin oňaýlydyr.** ***Таблицы*** **usuly obýektler barada anyk informasiýalary: faýlyň ölçegini, onuň tipini, döredilen we üýtgedilen senesini berýär.**
- **Sanawyň sözbaşysyny işjeňleşdirmek bilen, obýektleri elipbiý tertibinde ýerleşdirmek bolar.**



# Ulanyjynyň operasion sistema bilen özara täsiriniň usullary(interfeýs)




***Windowsyň interfeýsinde gepleşik penjireler ulanyjynyň operasion sistema ýa-da goşundylar bilen gepleşigini guramaga hyzmat edýär.***

***Gepleşik penjireleri dolandyryşyň elementleri: tekst meýdanyny, düwmeler, sanawlar, belgiler we beýlekiler.***

# Ulanyjynyň operasion sistema bilen özara täsiriniň usullary(interfeýs)




Operasion sistema bilen işlenende kömegi we ýüze çykan soraglara jogaplary ***ПУСК→Справка*** **и поддержка buýruklary arkaly Windowsyň sorag-jogap sistemasyndan almak bolar.**

***Центр справки и поддержки*** **gepleşik penjiresi** ***Поиск*** **tekst meýdanyny özünde saklaýar. Ol meýdanda gyzyklandyrýan sorag bir ýa-da birnäçe söz bilen ýazylýar. Meselem, operasion sistema bilen işlemegiň esasy usullary baradaky informasiýalary almak üçin, tekst meýdanynda Windows sözüni girizeris we ENTER klawişe basarys .**

# Meseleler paneli

Meseleler paneli – wagtyň şu pursatynda iş stolunda haýsy programmanyň ýa-da resminamanyň penjiresiniň açykdygyny görkezýän programmadyr. Meseleler paneli adatça iş stolunyň aşaky böleginde ýerleşendir.



Interaktiw-multimedia elektron gollanmany taýýarlanlar:

Allagulyýew Annamuhammet
Saryýew Döwran
Ataýew Kakageldi
Garýagdyýew Orazberdi